**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2025-nji ýylyň 14-nji martyndaky №9-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№1-durmuş goraglylygy «Pensionerleriň we döwlet kömek pullaryny alýanlaryň sany we olara bellenilen aýlyk pensiýalaryň we döwlet kömek pullarynyň möçberi barada hasabat» (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№1-durmuş goraglylygy «Pensionerleriň we döwlet kömek pullaryny alýanlaryň sany we olara bellenilen aýlyk pensiýalaryň we döwlet kömek pullarynyň möçberi barada hasabat» döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny hasabat döwründen ahyrky güni ýagdaýynda etrap (şäher) pensiýa gaznasynyň bölümleri tarapyndan düzülýär we Aşgabat ş., Arkadag ş. hem-de welaýatlaryň pensiýa gaznasynyň müdirliklerine berilýär. Aşgabat ş. we Arkadag ş., welaýatlaryň we etraplaryň pensiýa gaznasynyň müdirlikleri welaýat boýunça umumylaşdyryp, Türkmenistanyň Pensiýa gaznasyna berýär. Türkmenistanyň Pensiýa gaznasy Türkmenistan, welaýatlar, Aşgabat ş. we Arkadag ş. boýunça jemleýji hasabaty Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine bellenilen möhletlerde berýär.

## 1. BÖLÜM. PENSIONERLER BARADA MAGLUMAT
## 1.1. PENSIONERLERIŇ PENSIÝA GÖRNÜŞLERI BOÝUNÇA BÖLÜNIŞI

**«Pensionerleriň sany»** diýen 1-nji sütünde hasabat döwrüniň ahyryna (31-nji mart, 30-njy iýun, 30-njy sentýabr, 31-nji dekabr ýagdaýyna) pensiýa alýanlaryň umumy sany görkezilýär.

**«Pensiýalaryň bellenilen aýlyk pul möçberi»** diýen 2-nji sütünde hasabat döwrüniň ahyryna hasapda duran pensionerleriň pensiýalarynyň jemi bellenen möçberi görkezilýär.

**«Aýlyk pensiýanyň ortaça möçberi»** diýen 3-nji sütünde hasapda duran pensionerleriň pensiýalarynyň bir adama düşýän ortaça möçberi görkezilýär, ol 2-nji sütündäki görkezijileri 1-nji sütüniň görkezijilerine bölmek arkaly kesgitlenilýär.

**«Hasabat döwründe täze bellenilen pensiýalar» - «pensionerleriň sany»** diýen 4-nji sütünde hasabat döwründe pensiýa bellenilen adamlaryň sany görkezilýär.

**«Hasabat döwründe täze bellenilen pensiýalar» - «pensiýalaryň bellenilen aýlyk pul möçberi»** diýen 5-nji sütünde hasabat döwründe pensiýa bellenilen adamlaryň (4-nji sütün) bir aý üçin pensiýalarynyň jemi möçberi görkezilýär.

**«Hasabat döwrüniň soňky çärýeginde täze bellenilen pensiýalar»** diýen 6,7,8-nji sütünlerde hasabat döwründe diňe çärýek boýunça maglumatlar görkezilýär. Mysal üçin, ýanwar-sentýabr üçin tabşyrylýan hasabatda 6-8-nji sütünlerde diňe üçünji çärýekde täze bellenilen pensiýa alýanlaryň sany, olara pensiýa bellenilen möçberi we pensiýanyň bir aýlyk ortaça möçberi görkezilýär.

«**Hemmesi**» (06+16+21+26+38 setirleriň jemi) diýen 01-nji setirde hasabat döwrüniň soňunda Pensiýa gaznasynyň edarasynda hasapda duran pensionerleriň sany görkezilýär. Bu setir «**Ýaşy boýunça pensiýa**» – 06, «**Gulluk ýyllary boýunça pensiýa**» – 16, «**Hünär pensiýa**» – 21**,** «**Maýyplyk boýunça**» – 26 hem-de «**Ekleýjisini ýitirenler**» – 38 diýen setirleriň jemine deň bolmalydyr.

**«şolardan aýal-gyzlar»** (07+17+22+27+39 setirleriň jemi) diýen 02-nji setirde, 01-nji setirde görkezilenlerden ýagny, ähli pensiýa alýan aýal-gyzlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan oba ýerleriniň ýaşaýjylary»** (08+18+23+28+40 setirleriň jemi) diýen 03-nji setirde, 01-nji setirde görkezilenlerden, oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan işleýänler»** diýen 04-nji setirde (09+19+24+29+41 setirleriň jemi) 01-nji setirde görkezilenlerden, işleýänler boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan aýal-gyzlar»** diýen 05-nji setirde (10+20+25+30+42 setirleriň jemi) 04-nji setirden görkezilenlerden ýagny, aýal-gyzlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«Ýaşy boýunça pensiýa»** diýen 06-njy setirde «Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky» kodeksiniň 23-nji maddasyna laýyklykda pensionerler ýaşy boýunça pensiýa çykmaga hukugy bar bolanlaryň sany görkezilýär.

**«şolardan aýal-gyzlar»** diýen 07-nji setirde aýal-gyzlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan oba ýerleriniň ýaşaýjylary»** diýen 08-nji setirde oba ýerlerinde ýaşaýan ýaşy boýunça pensiýalaryny alýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan işleýänler»** diýen 09-njy setirde işleýänler boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan aýal-gyzlar»** diýen 10-njy setirde 09-njy setirden görkezilenlerden aýal-gyzlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«iň az möçberine ýetirilenler»** diýen 11-nji setirde pensiýalarynyň iň az möçberine ýetirilenler boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«radiasiýa heläkçiliginiň we betbagtçylygynyň netijesinde ejir çekenler»** diýen 12-nji setirde 06-njy setirde görkezilen pensionerleriň içinden radiasiýa heläkçiliginiň we betbagtçylygynyň netijesinde ejir çeken pensionerler boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«BWU-nyň gatnaşyjylary»** diýen 13-nji setirde 06-njy setirde görkezilen pensionerleriň içinden Beýik Watançylyk urşuna gatnaşan pensionerler boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«beýleki döwletleriň çäklerindäki söweş hereketleriniň weteranlary»** diýen 14-nji setirde (06-njy setirden) görkezilen pensionerleriň içinden beýleki döwletleriň çäklerindäki söweş hereketleriniň weteranlary boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«pensiýasyna döwlet sylaglar we hormatly atlar üçin goşmaça tölegleri goşulanlar»** diýen 15-nji setirde (06-njy setirdäki) görkezilenleriň içinden pensiýalara goşmaça tölegleri döwlet sylaglar we hormatly atlar üçin goşulan pensiýalar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«Gulluk ýyllary boýunça pensiýa»** diýen 16-njy setirde «Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky» kodeksiniň 24-nji maddasyna laýyklykda pensionerler gulluk ýyllary boýunça pensiýa çykmaga hukugy bar bolanlaryň sany görkezilýär.

**«şolardan aýal-gyzlar»** diýen 17-nji setirde aýal-gyzlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan oba ýerleriniň ýaşaýjylary»** diýen 18-nji setirde oba ýerlerinde ýaşaýan gulluk ýyllary boýunça pensiýalaryny alýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan işleýänler»** diýen 19-njy setirde işleýänler boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan aýal-gyzlar»** diýen 20-nji setirde 19-njy setirden görkezilenlerden aýal-gyzlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«Hünär pensiýa»** diýen 21-nji setirde «Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky» kodeksiniň 25-nji maddasyna laýyklykda pensionerler hünär pensiýa çykmaga hukugy bar bolanlaryň, ýerasty işlerde hem-de zähmetiň zyýanly we aýratyn agyr şertleri bolan işlerde işläp, ýeňillikli şertlerde pensiýa bellenenler boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan aýal-gyzlar»** diýen 22-nji setirde 21-nji setirden görkezile aýal-gyzlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan oba ýerleriniň ýaşaýjylary»** diýen 23-nji setirde oba ýerlerinde ýaşaýan hünär pensiýalaryny alýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan işleýänler»** diýen 24-nji setirde işleýänler boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan aýal-gyzlar»** diýen 25-nji setirde 24-nji setirden görkezilenlerden aýal-gyzlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«Maýyplyk boýunça pensiýa»** diýen 26-njy setirde «Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky» kodeksiniň 26-njy maddasyna laýyklykda pensiýa alýanlaryň umumy sanyndan jemi maýyplygy bolan adamlar boýunça pensiýa alýanlaryň sany görkezilýär we olaryň sany 31+32+33-nji setirleriň görkezijileriniň jemine laýyk gelmeli.

**«şolardan aýal-gyzlar»** diýen 27-nji setirde, 26-njy setirde görkezilenlerden ýagny, ähli maýyplygy bolan adamlar boýunça pensiýa alýan aýal-gyzlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan oba ýerleriniň ýaşaýjylary»** diýen 28-nji setirde, maýyplyk boýunça pensiýa alýanlardan oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«işleýänler»** diýen 29-njy setirde işleýän pensionerler boýunça maglumatlar görkezilýär;

**«aýal-gyzlar»** diýen 30-njy setirde, 29-njy setirde görkezilenlerden aýal-gyzlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

31-nji setirde – I-topardaky maýyplygy bolan adamlar, 32-nji setirde – II-topardaky maýyplygy bolan adamlar, 33-nji setirde – III-topardaky maýyplygy bolan adamlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«Harby gullugyň maýyplygy bolan adamlary (a)»** diýen 34-nji setirde döwletiň bähbitlerini goramakda ýa-da beýleki harby gulluk borçlary (gulluk borçlary) ýerine ýetirilende düşen ýaranyň, seňselemegiň ýa-da şikes almagyň netijesinde; söweşde, şol sanda beýleki döwletleriň çäklerindäki söweşde bolmak bilen baglanyşykly keseliň netijesinde; radiasiýa heläkçiliginiň we betbagtçylygynyň netijelerini ýok etmek bilen baglanyşykly keseliň netijesinde maýyp bolan harby gullukçylar, içeri işler edaralarynyň hatarçylar, seržantlar we ofiserler düzüminiň işgärleri maýyplygy bolan adamlar boýunça pensiýa alýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«Harby gullugyň maýyplygy bolan adamlary (b)»** diýen 35-nji setirde harby gulluk borçlaryny (gulluk borçlaryny) ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly bolmadyk betbagtçylykly hadysanyň netijesinde şikes alnanda; söweşde, şol sanda beýleki döwletleriň çäklerindäki söweşde bolmak bilen baglanyşykly bolmadyk keseliň netijesinde maýyplygy bolan harby gullukçylar, içeri işler edaralarynyň hatarçylar, seržantlar we ofiserler düzüminiň işgärleri maýyplygy bolan adamlary boýunça pensiýa alýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«Zähmet şikesini almagyň netijesinde maýyplygy bolan adamlary»** diýen 36-njy setirde zähmet borçlary ýerine ýetirilende, şol sanda iş sapary döwründe, şeýle hem kärhananyň bähbitlerini goramaga gönükdirilen hereketler amala aşyrylanda; işe barýarka ýa-da işden gaýdyp gelýärkä; bellenen arakesmeleri, işden öň we işden soň iş ýerini tertipleşdirmek üçin zerur bolan wagty goşmak bilen, kärhananyň çäginde ýa-da iş wagtynda başga bir iş ýerinde; raýatlyk borjuny ýerine ýetirmek netijesinde maýyp bolan raýatlaryň maglumatlary görkezilýär.

**«Çagalykdan maýyplygy bolan adamlary»** diýen 37-nji setirde 26-njy setirde görkezilenlerden ýagny, ähli maýyplyk boýunça pensiýa alýanlardan çagalykdan maýyplygy bolan adamlary boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«Ekleýjisini ýitirendigi boýunça pensiýa»** diýen 38-nji setirde «Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky» kodeksiniň 27-nji maddasyna laýyklykda ekleýjisini ýitirendigi boýunça pensiýa alýanlar boýunça maglumatlar (43+44+45+46+47+48 setirler) hasaba alynýar. Bu setirde ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet pensiýasy bellenilen (maşgalanyň agzalarynyň sanyna garamazdan) maşgalalar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan aýal-gyzlar»** diýen 39-njy setirde, 38-nji setirde görkezilenlerden ähli ekleýjisini ýitirendigi boýunça pensiýa alýan aýal-gyzlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan oba ýerleriniň ýaşaýjylary»** diýen 40-njy setirde, ekleýjisini ýitirendigi boýunça pensiýa alýanlardan oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«işleýänler»** diýen 41-nji setirde işleýänler boýunça maglumatlar görkezilýär;

**«aýal-gyzlar»** diýen 42-nji setirde, 41-nji setirde görkezilenlerden aýal-gyzlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

43-nji setirde – eklenjindäki 1 adam, 44-nji setirde – eklenjindäki 2 adam, 45-nji setirde - eklenjindäki 3 adam, 46-njy setirde eklenjindäki 4 adam, 47-nji setirde eklenjindäki 5 adam we 48-nji setirde eklenjindäki 6 we şondan köp bolan maşgalalar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan ýetim çagalar»** diýen setirde 38-nji setirden ene-atasyny ýitiren ýa-da aradan çykan ýalňyz enäniň (doly ýetim) hossarlyga ýa-da ogullyga (gyzlyga) alynan çagalar nazara alynýar. 49-njy setirde –1 çagaly, 50-nji setirde –2 çagaly we 51-nji setirde 3 çagaly, 52-nji setirde – 4 çagaly, 53-nji setirde 5 we ondan köp zähmete ukypsyz çagany hossarlyga ýa-da ogullyga (gyzlyga) alan maşgalalar hasaba alynýar.

**«Toplaýyş pensiýa»** diýen 54-nji setirde toplaýyş pensiýasy bellenenler boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan aýal-gyzlar»** diýen 55-nji setirde, 54-nji setirde görkezilenlerden bellenen toplaýyş pensiýa alýan aýal-gyzlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan oba ýerleriniň ýaşaýjylary»** diýen 56-njy setirde, bellenen toplaýyş pensiýa boýunça oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«işleýänler»** diýen 57-nji setirde işleýänler boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«aýal-gyzlar»** diýen 58-nji setirde, 57-nji setirde görkezilenlerden aýal-gyzlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

## 1.2. PENSIONERLERIŇ SANY, PENSIÝANYŇ GÖRNÜŞLERI, JYNSY WE ÝAŞY BOÝUNÇA BÖLÜNIŞI

Hasabatyň 1.2. bölüminde pensionerleriň sany, pensiýa görnüşleri, jynsy we ýaşy boýunça bölünip görkezilýär.

**«Hasabat döwrüniň ahyryna pensionerleriň sany»** diýen 1-nji sütünde hasabat döwrüniň ahyryna (31-nji mart, 30-njy iýun, 30-njy sentýabr, 31-nji dekabr ýagdaýyna) pensiýa alýanlaryň jemi sany görkezilýär. Bu sütün 1-nji bolüminiň 01-nji setirine deň bolmaly.

2-nji sütünde - pensiýa alýan aýallar boýunça maglumatlar görkezilýär. 3-20-nji sütünlerde şol görnüşli pensiýany alýanlar ýaşy we jynsy boýunça bölünip görkezilýär.

**«Ýaşy boýunça pensiýa»** diýen 02-nji setirde pensiýa alýanlaryň umumy sanyndan jemi ýaşy boýunça pensiýa alýanlaryň sany görkezilýär.

**«Oba ýerleriniň ýaşaýjylary»** diýen 03-nji setirde 02-nji setirde görkezilen pensiýa alýanlardan oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«Gulluk ýyllary boýunça pensiýa»** diýen 04-nji setirde pensiýa alýanlaryň umumy sanyndan jemi boýunça gulluk ýyllary boýunça pensiýa alýanlaryň sany görkezilýär.

**«Oba ýerleriniň ýaşaýjylary»** diýen 05-nji setirde 04-nji setirde görkezilen gulluk ýyllary boýunça pensiýa alýanlardan oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«Hünär pensiýa»** diýen 06-njy setirde pensiýa alýanlaryň umumy sanyndan jemi boýunça hünär pensiýa alýanlaryň sany görkezilýär.

**«Oba ýerleriniň ýaşaýjylary»** diýen 07-nji setirde 06-njy setirde görkezilen hünär pensiýa alýanlardan oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**"Maýyplyk boýunça pensiýa"** diýen 08-nji setirde pensiýa alýanlaryň umumy sanyndan jemi boýunça maýyplyk boýunça pensiýa alýanlaryň sany görkezilýär.

**«Oba ýerleriniň ýaşaýjylary»** diýen 09-njy setirde 08-nji setirde görkezilen maýyplyk boýunça pensiýa alýanlardan oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«Ekleýjisini ýitirendigi boýunça»** diýen 10-njy setirde pensiýa alýanlaryň umumy sanyndan jemi ekleýjisini ýitirendigi boýunça pensiýa alýanlaryň sany görkezilýär.

**«Oba ýerleriniň ýaşaýjylary»** diýen 11-nji setirde 10-njy setirde görkezilen ekleýjisini ýitirendigi boýunça pensiýa alýanlardan oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**"Toplaýyş pensiýa"** diýen 12-nji setirde toplaýyş pensiýasy bellenenler boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan oba ýerleriniň ýaşaýjylary»** diýen 13-nji setirde, bellenen toplaýyş pensiýa boýunça oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

Hasabatyň **«Maglumat üçin»** diýen bölüminde:

1-nji bendinde – Gartaşan adamlara we maýyplygy bolan adamlara durmuş taýdan hyzmatyny ediş edaralarynda ýaşaýan pensionerleriň sany görkezilýär.

2-nji bendinde – Olara tölenilen pensiýanyň (bir aýlyk) möçberi görkezilýär.

## 2. BÖLÜM. DÖWLET KÖMEK PULLARYNY ALÝANLARYŇ SANY BARADA MAGLUMAT

### 2.1. DÖWLET KÖMEK PULLARYNY ALÝANLARYŇ DÖWLET KÖMEK PULUNYŇ GÖRNÜŞLERI BOÝUNÇA BÖLÜNIŞI

**«Döwlet kömek pullaryny alýanlaryň umumy sany, adam»** diýen 1-nji sütünde, Pensiýa gaznasynyň edaralarynda hasapda duran döwlet kömek pullaryny alýanlarynyň umumy sany görkezilýär.

**«Döwlet kömek pullarynyň bellenilen möçberi, manat»** diýen 2-nji sütünde ähli kömek pullaryny alýanlara bellenilen döwlet kömek pullarynyň bir aýdaky jemi möçberi görkezilýär.

**«Döwlet kömek pullarynyň bir aýlyk ortaça möçberi, manat»** diýen 3-nji sütünde döwlet kömek pullarynyň bir aýdaky ortaça möçberi manatda görkezilýär. Şu sütünüň görkezijileri 2-nji sütüniň görkezijilerini 1-nji sütüniň görkezijilerine bölmek arkaly kesgitlenilýär.

**Hasabat döwründe täze bellenilen döwlet kömek pullary:**

**«Döwlet kömek pullaryny alýanlaryň umumy sany, adam»** diýen 4-nji sütünde hasabat döwründe täze bellenilen döwlet kömek pullaryny alýanlaryň sany görkezilýär.

**«Döwlet kömek pullarynyň bellenilen möçberi, manat»** diýen 5-nji sütünde hasabat döwründe täze bellenilen döwlet kömek pullarynyň jemlenen möçberi görkezilýär.

**«Hasabat döwrüniň soňky çärýeginde täze bellenilen döwlet kömek pullary»** diýen 6,7,8-nji sütünlerde hasabat döwründe diňe soňky çärýek boýunça maglumatlar görkezilýär. Mysal üçin, ýanwar-sentýabr üçin tabşyrylýan hasabatda 6-8-nji sütünlerde diňe 3-nji çärýekde täze bellenilen döwlet kömek pullaryny alýanlaryň sany, olara döwlet kömek pullarynyň bellenilen möçberi we döwlet kömek pullarynyň bir aýlyk ortaça möçberi görkezilýär.

**«Hemmesi» (04+13+17+20 setirleriň jemi)** diýen 01-nji setirde döwlet kömek pullaryny alýanlaryň ählisi, işleýänligine ýa-da işlemeýändigine garamazdan nazara alynýar we olaryň sany (04+13+17+20) setirleriň görkezijileriniň jemine laýyk bolmaly;

**«şolardan aýallar»** diýen 02-nji setirde, 01-nji setirde görkezilenlerden ýagny, maýyplygyň we BWU-na gatnaşyjynyň ýanýoldaşlaryna ekleýjisiz galmagyň ähli görnüşleri boýunça, durmuş kömek puly, çaga seretmek boýunça döwlet kömek pullaryny alýan aýallar boýunça maglumatlar görkezilýär;

**«şolardan oba ýerleriniň ýaşaýjylary»** diýen 03-nji setirde, 01-nji setirde görkezilenlerden, oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«Maýyplyk boýunça»** diýen 04-nji setirde döwlet kömek pullaryny alýanlaryň umumy sanyndan (18 ýaşa çenli maýyplygy bolan çagalaryň; hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşyk döwri bäş ýyldan az bolan çagalykdan maýyplygy bolan adamlaryň; hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasyna gatnaşyk döwri bäş ýyldan az bolan maýyplygy bolan adamlar) maýyplygy bolan adamlary boýunça kömek pullaryny alýanlar görkezilýär we olaryň sany (07+08+09+10) setirleriň görkezijileriniň jemine laýyk gelmeli.

**«şolardan aýallar»** diýen 05-nji setirde – maýyplyk boýunça döwlet kömek puluny alýan aýallar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan oba ýerleriniň ýaşaýjylary»** diýen 06-njy setirde, maýyplygy bolan adamlary boýunça döwlet kömek puluny alýanlardan oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

07-nji setirde – I topardakylar, 08-nji setirde – II topardakylar, 09-njy setirde – III-topardakylar, 18 ýaşa çenli maýyplygy bolan çagalar diýen 10-njy setirde bolsa, 18 ýaşy dolmadyk maýyplygy bolan çagalar boýunça maglumatlar görkezilýär.

11-nji setirde18 ýaşa çenli maýyplygy bolan çagalar boýunça döwlet kömek pulluny alýan gyzlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

«**Çagalykdan maýyplygy bolan adamlar**» diýen 12-nji setirde 04-nji setirde görkezilenlerden ýagny, ähli maýyplygy bolan adamlar boýunça döwlet kömek puluny alýanlardan çagalykdan maýyplygy bolan adamlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

«**BWU-na gatnaşanyň ýanýoldaşyna bellenilýän döwlet kömek puly**» diýen 13-nji setire BWU-unda wepat bolan we uruşdan gaýdyp gelip aradan çykan urşa gatnaşyjynyň ýanýoldaşlary (15+16 setirler) hasaba alynýar.

«**şolardan oba ýerleriniň ýaşaýjylary**» diýen 14-nji setirde, BWU-na gatnaşyjynyň ýanýoldaşyna ekleýjisini ýitirendigi boýunça döwlet kömek pulluny alýanlardan oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

15-nji setirde – BWU-na gatnaşyjy urşa gatnaşyp wepat bolanlaryň ýanýoldaşlaryna, 16-njy setirde – BWU-na gatnaşyjy urşa gatnaşyp gaýdyp gelenden soň aradan çykanyň ýanýoldaşlaryna bellenilen döwlet kömek pullaryny alýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

«**Durmuş kömek pullary**» diýen 17-nji setirde aýal maşgalalaryň 57 we erkek adamlaryň 62 ýaşyny dolduran we ondan uly ýaşlylara bellenilen durmuş döwlet kömek pullaryny alýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

«**şolardan aýallar**» diýen 18-nji setirde döwlet durmuş kömek pullaryny alýan aýallar boýunça maglumatlar görkezilýär.

«**şolardan oba ýerleriniň ýaşaýjylary**» diýen 19-njy setirde, döwlet durmuş kömek pullaryny alýanlardan oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

«**Çaga seretmek boýunça**» diýen 20-nji setirde üç ýaşa çenli çaga seretmek boýunça döwlet kömek puluny alýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

«**şolardan oba oba ýerleriniň ýaşaýjylary**» diýen 21-nji setirde, çaga seretmek boýunça kömek pullaryny alýanlardan oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

«**Çaga doglanda berilýän döwlet kömek puly**» diýen 22-nji setirde çagany dogran enesi ýa-da dogulan çaganyň kakasy, şeýle hem çagany dört aýlyk ýaşa çenli ogullyga (gyzlyga) ýa-da hossarlyga alan adamlar (23+24+25+26+27+28+29 setirler) nazara alynýar. 23-nji setirde 1-nji we 2-nji çagalar üçin, 24-nji setirde 3-nji çaga üçin, 25-nji setirde 4-nji çaga, 26-njy setirde 5-nji çaga, 27-nji setirde 6-njy çaga, 28-nji setirde 7-nji çaga, 29-njy setirde 8 we ondan soňky çagalar üçin alynýan döwlet kömek puly boýunça maglumatlar görkezilýär.

## 2.2. DÖWLET KÖMEK PULLARYNY ALÝANLARYŇ SANY, DÖWLET KÖMEK PULUNYŇ GÖRNÜŞLERI, JYNSY WE ÝAŞY BOÝUNÇA BÖLÜNIŞI

Hasabatyň 2.2. bölüminde döwlet kömek puluny alýanlaryň kömek pulunyň görnüşleri boýunça: sany, jynsy we ýaşy boýunça bölünip görkezilýär.

«**Hasabat döwrüniň ahyryna döwlet kömek pullaryny alýanlaryň sany**» diýen 1-nji sütünde (31-nji mart, 30-njy iýun, 30-njy sentýabr, 31-nji dekabr ýagdaýyna) hasabat döwrüniň ahyryna döwlet kömek puluny alýanlaryň jemi sany görkezilýär. Bu sütün 1-nji bolüminiň 01-nji setirine deň bolmaly. 2-nji sütünde - döwlet kömek puluny alýan aýallar boýunça maglumatlar görkezilýär.

3-20-nji sütünlerde şol görnüşli döwlet kömek puluny alýanlar ýaşy we jynsy boýunça bölünip görkezilýär.

«**Hemmesi» (03+05+07+09 setirleriň jemi)** diýen 01-nji setirde döwlet kömek pullaryny alýanlaryň ählisi, işleýänligine ýa-da işlemeýändigine garamazdan nazara alynýar.

«**şolardan oba ýerleriniň ýaşaýjylary**» diýen 02-nji setirde 1-nji setirde görkezilen döwlet kömek puluny alýanlardan oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

«**Maýyplyk boýunça** « diýen 03-nji setirde «Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky» kodeksiniň 65-nji maddasyna laýyklykda döwlet kömek pullaryny alýanlaryň umumy sanyndan jemi maýyplygy bolan adamlar boýunça kömek pullaryny alýanlaryň sany görkezilýär.

«**şolardan oba ýerleriniň ýaşaýjylary**» diýen 04-nji setirde 03-nji setirde görkezilen kömek pullaryny alýanlardan oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«BWU-na gatnaşanyň ýanýoldaşyna bellenilýän döwlet kömek puly»** diýen 05-nji setirde «Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky» kodeksiniň 66-njy maddasyna laýyklykda BWU-unda wepat bolan we uruşdan gaýdyp gelip aradan çykan urşa gatnaşyjynyň ýanýoldaşlarynyň kömek pullaryny alýanlaryň sany görkezilýär.

**«şolardan oba ýerleriniň ýaşaýjylary»** diýen 06-njy setirde 05-nji setirde görkezilen kömek pullaryny alýanlardan oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«Durmuş kömek pullary»** diýen 07-nji setirde «Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky» kodeksiniň 64-nji maddasyna laýyklykda aýal maşgalalaryň 57 we erkek adamlaryň 62 ýaşyny dolduran we ondan uly ýaşlylara bellenilen durmuş döwlet kömek pullaryny alýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan oba ýerleriniň ýaşaýjylary «** diýen 08-nji setirde 07-nji setirde görkezilen kömek pullaryny alýanlardan oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«Çaga seretmek boýunça»** diýen 09-njy setirde «Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakyndaky» kodeksiniň 63-nji maddasyna laýyklykda üç ýaşa çenli çaga seretmek boýunça döwlet kömek puluny alýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

**«şolardan oba ýerleriniň ýaşaýjylary «** diýen 10-njy setirde 09-njy setirde görkezilen kömek pullaryny alýanlardan oba ýerlerinde ýaşaýanlar boýunça maglumatlar görkezilýär.

Hasabatyň **«Maglumat üçin»** diýen bölüminde:

1-nji bendinde – Gartaşan adamlara we maýyplygy bolan adamlara durmuş taýdan hyzmatyny ediş edaralarynda ýaşaýan döwlet kömek pullaryny alýanlaryň sany görkezilýär.

2-nji bendinde – Olara tölenilen döwlet kömek pullarynyň möçberi görkezilýär.

**Durmuş statistikasy müdirligi**